# Wysal ilçisini iber

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Wysal ilçisini iber WYSAL ILÇISINI IBER



Yşk öýüniñ gussasyndan elip kaddym ýaý boldy,
Göwher many isledim, nämälimlik paý boldy,
Dost küýsäpler toý berdim, bir ýalñyzlyk taý boldy,
Agaç gapym açanlar meni diñläp baý boldy,
Bada berdiñ, göterdim, ýuwudanym laý boldy.

Bir gün meni görerler älemiñ aýnasynda,
Şonda paýhas küýsänler bimany saýmasyn-da,
Şäniklikden bag boldum, dünýäniñ ýaýlasynda,
Özün Güne meñzeden-şöhläñe çaýmasañ-da,
Ümsümligiñ köñlünden owaz tapan naý boldum.

Galdyr meniñ egnimden, arşy ahwal bar sende,
Çengi berip «Çal» diýýäñ, owaz çykmaz, tar sende,
Wysal ilçisin iber, ynsap bolsa ýar sende,
Sabyr donum ýyrtyldy, höwes dony bar sende,
Bir rahatja günümiñ içi-bagry «waý» boldy.

Dymmaklyk rozasynda şeker sözüm hurmadyr,
Arzuwlarym ýelpaýlar, gyşda galan durnadyr,
Gözlerimiñ jähegi-gam sürtülen sürmedir,
Içimde bir men otyr ~ mydam meni gürleder,
Damja-damja damanym derýa dönen çaý boldy.

Jan gözüñde syr ýatyr, many berer okana,
Sünbül deý dänelermi seçerin bu mekana,
Zer göwnümi taşlama, mis satylýan dükana,
Ýata suwy nädeýin, meñ gözlegim akaba,
Hoş pälimden yşk tapdym, täk ýarym Hudaý boldy. Goşgular